# Obadaşlarym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Obadaşlarym OBADAŞLARYM

Daglylar biz,
Ýaşaýarys beýikde.
Mekan tutan jülgelerde
Gaplaň, ýolbars, keýik-de…

Baryňyzyň aňyrysy bir kökden,
Bir ene, bir atadan.
Taryhyňyz Nuhdandyr,
Şahyryňyz ruhdandyr.

Obada men,
Geçenleri ýatlaýan.
Obaly men,
Göçenleri ýatlaýan.
Onlap, ýüzläp, müňläp-müňläp,
Geçilen ýoly ýatlaýan.
Böwrümi diňläp,
Eý-ho,
Otyryn geňläp…

Elli, altmyş ýyl mundan öň
Gözümizden birçak gaýyp bolanlar
Ýadymda.
Olary men ýatlaýan her ädimde
Diýsem borun ýalançy.
Ýöne olar mahal-mahal
Göz öňümden gitmeýär.
Hakydamdan ýitmeýär.
Mähriban obadaşlarym,
Siz meniň gardaşlarym,
Garyndaşlarym.
Biriňiz agam, biriňiz daýym,

Biriňiz derde ulaşsam,
Janyňyz bermäge taýyn.
Biriňiz atam, biriňiz babam,
Biriňiz käbäm,
Biriňiz dostum,
Biriňiz dogandan golaý,
Ynanyň rastym.

Biliňizde oragyňyz,
Pil iň uly ýaragyňyz.
Çopan taýagyňyz – hümmet hasasy.
Siziň üçin bu zatlar
Suw, howa deý esasy.
Soňky ýoly müň ädimdir,
Müň adamyň egni deger tabyda.
Muny synlap duran bir eziz dostum:
-gördüm-diýip – şeýle ahwal Käbede.

Toýuňyz toý şekillidir,
Dutaryňyz çeküwlidir.

Köpiňiziň dili zyban şerbetdir,
Erbediňiz erbetdir.
Dilleri şerebeli.
Biriňizi diňläp-diňläp,
Buzam bolsaň eremeli.
Daglaryňyz keremli,
Baglaryňyz erenli.
Eý, eziz obadaşlarym,
Gardaşlarym,
Garyndaşlarym.

Az däldir azabyňyz,
Az däldir azaryňyz.
Şonda-da “Sabyr – ömürden!”
Diýip, ýaşaýarsyňyz.

Açykdyr gapyňyz gelen myhmana,

Myhman sorar ogluňyzy.
Diýersiňiz: – Mekan tutdy şäherde.
Myhman weli düşünmez
Munyňyza sähel-de.
Başyn ýaýkap diýer myhman:
– Jenneti mekany taşlap,
Tapdykan nä şäherde!?

Daglylar, eziz daglylar,
Siz meniň obadaşlarym.
Ýaşym geçdi pygamberiň ýaşyndan,
Razy men dünýäniň göwün hoşundan.
Ýöne geçen ýola nazar aýlamda,
Bir agyr zat basýan ýaly başymdan.

Göz öňüme gelýär geçen ýaşlygym,
Assyrynlyk bilen göçen ýaşlygym.

Gün düşmeýen baga bürenen obam,
Öňküden ýaýrawly, gürelen obam.
Misli erem bagy dereleň obam.
Gordumyň dört künjünde-de
Eziz görülen obam.
Ömrüňde bir gezek gadamyň uran
Görsem diýip arzuw eder ýene-de.

Goýnuňda ýatyr niçeme ärler,
Niçeme pirler,
Niçeme şirler,
Ýatyr goýnuň ýassanyp,
Nişapur pälwany
Beýik dana Şyhattar.
Taryhyň gatbar-gatbar.
Gündogar Jemşidi – Alyşir Nowaýy
Gelip saňa kyldy TAGZYM!
Hem Seýit Nejedi – ol dana tagsyr!
Sözüm däldir howaýy.

Eziz obam, eziz Könekesirim,
Sen meniň entek-entek
Ýazylmadyk eserim.
Şygra göwün berişim deý,
Soňky deme çenli
Sen bolarsyň heserim.
Hem-de gutulmajak şanly keselim
Eziz Könekesirim.
Her dem eme zar bolşy deý hassanyň.
Sensiň howandarym, sensiň hossarym,
Eziz obadaşlarym,
Siz meniň gardaşlarym,
Garyndaşlarym…

- **Parhaý**

Gudrat görseň daglara bar…
Senem şolaň biri Parhaý.
Dadan diýer bal suwuňdan
– Seň suwlaryň piri, Parhaý.

Demi bardyr Beýik Hojaň,
Emi bardyr sende gojaň.
Ýeňil gopar başda sojaň,
Açdyň keri, köri, Parhaý.

Daş-töwerek gara daglar,
Saňa gelen göwün çaglar.
Senden göwnühoş näsaglar,
Aýyrýaň azary, Parhaý.

Em isteýip gelen çagy,
Şipa tapandyr Pyragy.
Sen bir misli jennet bagy,
Bardyr jennet bary, Parhaý.

Pyragynyň sözi melhem,
Çeşme suwy jana melhem,
Goşa melhem, goşa ylham,

Iliň şypakäri, Parhaý.

Tebigatyň keramaty –
Tebigatyň sahawaty.
Aman – esen, salamaty,
Öz ilimiň nury, Parhaý. Goşgular